# Şapak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şapak ŞAPAK




Peşgeş ber maña yşgyñy
Uçmaga ganatym bolsun!
Dag bol, arkamyñ söýesi
Duşmana haýbatym bolsun!
Dünýä dolup ýaz gelende,
Ýagmyrlary saz çalanda,
Ruhum galgadyp belende,
Yşgyñ başda tugum bolsun!

Söý meni, söý-de apala,
Sen iññe, menem sapaga,
Tä gyzarýança şapagam
Diñlänim söhbetiñ bolsun!

Ruh ganman göwün ganarmy?!
Añ gitmän göwün dänermi?!
Dolaýsa bir gün sanalgy
Señ sesiñ azanym bolsuñ!

Aşgabat, 09.03.2023 ý.

Zöhre ÖWEZOWA. Goşgular